# Rysgalyñ üýtgeýşi

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Rysgalyñ üýtgeýşi

RYSGALYÑ ÜÝTGEÝŞI

On iki süňňi abat, ini sagat ýigit öý-işikli hem bolup bilmän, gündelik iýjegini gazanmak üçin eli bilen odundyr ýandak ýygyp, arkasy bilen daşap, bazarda satyp gün görer ekeni. Günlerde bir gün bir ýagşyzada bu ýigidiň üstünden gelip, oňa:
– Eý, oglan, eliň bilen ýandak ýygmaň näme? Satýan ýandagyňdan her gün azajyk süýşürip, jemläp, pil ýa-da aňňal alnaýsaň bolmadymy – diýipdir.
Ol ýigit ýagşyzada bilen görşüp, oňa:
– Wah, näsini aýdýarsyňyz. Nä gün bilen süýşürip, pil alsam döwülýär, aňňal alsamam ýitirýän, agam. Onsoň bolşuna görä oňňut edip ýörendirin. Siz bir dilegi boş geçmedik ýagşyzada. Alan guralym ýitmez, döwülmez ýaly, maňa Allatagaladan dileg edip berseňiz – diýipdir. Ýagşyzadanyň ol ýigide nebsi agyryp:
– Enşalla, bolar. Diläp beräýerin – diýip ýoluna rowana bolupdyr.
Birnäçe gün geçenden soň, ol ýagşyzada ýigidiň ýandak ýygýan ýerine dolanyp gelipdir. Ýigit ýagşyzadany görüp, begenjinden donuny aşagyna ýazyp oturdypdyr. Ýantorbasyndan barja gaty-guty çöregini myhmanyň öňünde goýmaga-da gyssanyp:
– Atam, nähili hoş habar bilen geldiňiz – diýipdir.
Ýagşyzada:
– Aý, inim, şu wagt-a hoş habarym ýok. Şu halallygyň bilen boluberseň Alla keremdir, sabyrly gul dura-bara şat bolar – diýip göwünlik bermäge dursa, owalam rysgyndan nägile ýigit, ýazan donunam ýagşyzadanyň aşagyndan silkip alyp:
– Men Alladan altyn-kümüş, at-düýe dilemedim, satyn alan pildir kätmen gurallarymy bir berdim diýip berse, döwmän, ýitirmän ulanaýyn diýdim-ä, bu dilegim hem bitmedi – diýip turup gidiberipdir.

Bu ýigit öňki mydary bilen oňup ýörkä, bir işi rowaç adam öýünde malyna-beýlekisine tur-otur, kersen getir, işlerine ýarar ýaly eden işine pugtumal, halal adamy gözläp, her bazar gelip, assyrynlyk bilen aýlanar ekeni. Bu adamyň ýaňky ýigitde gözi eglenip, kän synlap, muňa habaryny aýdýar. Ýigidem oňa:

– Gara zähmedim-ä bar, aga, başga zadym bolmasa-da – diýýär.

Baý, ýigidi öýüne getirip, etmeli işlerini, ýatjak ýerini görkezýär. Eli bilen ýandak ýygyp ýören ýigit haýsy işi etse öz guraly bilen işläp, arassa ýerde ýatyp, güler ýüz tapyp, doýa garna iýip-içip ýörenine begenip, sessiz-üýnsüz işläberýär.

Iki ýyl geçýär. Ýigit halallykda-da, işeňňirlikde-de synagdan geçip, bu maşgala öwrenişýär.

Günlerde bir gün är-aýal çaý başynda otyrkalar, aýaly adamsyna ýüzlenip:

– Gyzymyza gelýän sawçylary ýöne gaýtaryp otyrys. Gyz ýetişensoň saklap oturmagam gowy däl. Ýeke gyzymyz bolsa-da gelýänleriň badyrynyň habaryny alaýaly – diýýär. Baý:

– Wah, men sendenem beter biynjalyk bolýan. Ýöne kime rowa görjegimi bilemok. Hany, şu gapymyzdaky oglana bersek näme, mundan arassa, mundan halal ýigidi nireden tapjak. Il-günem, «Baý ýeke gyzyny işigindäki batragyna beräýdi» diýip gürrüň eder goýar-da – diýýär.

Adamsynyň bu pikirini öz ýanyndan oňlap, aýtmaga-da çekinip ýören aýaly:

– Wah, oňa ýetesi zat barmy näme? Men aýtmaga-da çekinip-çekinip ýördüm – diýýär.

Şeýdip, baý gyzyny bu ýigide nikalap, toý tutup berýär. Işlemäge pil tapman ýören ýigit, beg ýigit bolup ýaşaberýär.

Bir günden bir gün ýigit şol öňki ýagşyzada duşup:

– Atam, Alladan pil-kätmen diläp bitirip bilmediň, ynha indi eli pilli ýüz sany pilgärimem bar, muňa näme diýersiňiz? – diýip, soraýar.

Ýagşyzada:

– Seniň öýlenen gyzyň Alla tarapyndan rysgally bolup dünýä inip, kakasy-ejesini baý, rysgally etdi. Indi hem, seniň arassa halallygyň üçin Beýik Taňry ol gyzy saňa nikalap berdi. Seni-de garyplykdan çykardy. Bu rysgal seniňki däl, gelniň rysga-

ly. Häzir bol! Injigiň göterip bilmän maşgalaňa, kesbiňe ikilik edäýseň, gyşyň togsany dolandan soňky ýagan gary ýaly, bu guwanýan baýlygyň öýläne galman eräp gider — diýip, öz ýoluna gidiberipdir.

Nurnazar JUMANAZAROW,
Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Duşak şäherçesiniň ýaşaýjysy, mirasgär.

Halk döredijiligi we rowaýatlar